# Seni tapan

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Seni tapan SENI TAPAN

Seni tapan “men”den geçer
Saňa uçran
Uçar, uçar
Uçgun saçar,
Yşka çümer, çuňdan geçer.
Seni tapan
Aýdan geçer,
Günden geçer.

Seni tapan
Deňiz aşar,
Ýyldyz aşar,
Bagra basar agla: arşy
Erkin ýaşar.

Seni tapan mukam çalar
Dessan düzer,
Uzyn gije o:ýa batar, oýa galar
Gündiz sary ýyldyz bolar gezer-gezer
Daň atyrar,
Öz-özünde edem bolup, gün getirer.
Seni tapan söz ädimlär güzer-güzer
Dünýäme aýdym getirer.

Seniň päkize gurbuňda
Sözler manysyn ýitirer, many sorap seň gözüňden.
Seni tapan
harpdan geçer,
Sandan geçer,
çenden geçer
Eçiler ol öz-özünden,
Seni tapan

“men”den geçer.

Ybrahim B. 04-12-2022 Goşgular